# Magallak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Magallak **MAGALLAK**




Güýz.
Jumadyl-owal.
Ýagyşsyz meýdan.
Gum sürlen hanalar,
Üstünde jaýlar…
Moskowskiý.
Howry gaçyşan asfalt.
Köwüşim elimde
Aýakýalañaç…
Kädaýym ylgasam başlaýan haşlap,
Öwzary ýykylyp öwzaýy giden
Tañryñ gamdan azat eýlän gedaýy
Tüneksiz galansoñ duralgamyzda
Otyr… sowan gamburgyny symyşlap.
Ýapraklary gaýýar aýak astynda,
Agaçlar ýalañaç
utananoklar…
Meger ýatdan çykarypdyr Hudaýy.

Gök asman gyzarýar olañ deregne…
Küpürseýär ýene yzgarsyz Zemin.
Ýel çalýar ýañagna guran derýalañ
Çöküp galan gaýygynyñ küregne.
Gara daglañ serin ýarmaga peýläp
Wulkanlar pysyrdap başlady ýene.
Kapda bent edilen äjit-mäjitler
Boşap geljek bolýan ýaly bu sene
Ýene bikararlyk tutdy dünýämi
Eýse, bu nämekä?..
Yşkyñ gamymy,
Ýetip gelýän kyýamatyñ dañymy?
Ýa meñ gohly durmuşymyñ soñumy?
Muny sen syzmasañ,
bilemok syzyp,
Sen dur, öñkiñ ýaly gözüñi süzüp…
Eger ýaramasa ynjyk göwnüñe
Soñky sanawajyn sanaýan dünýäñ
Jemendesi,
galmagaly,
gürrüñi…
Ýagyşsyz meýdanda alnyñdan öpüp
Gaýdan pursatymy magallak kylyp
Dolanaly daş asyrly eýýama…
Hem jort atyp garramaýan heññama! Goşgular